# Azeri-ermeni urşy

Category: Kitapcy,Publisisistika
написано kitapcy | 23 января, 2025
Azeri-ermeni urşy AZERI-ERMENI URŞY




Söýgüli okyjylarym, soňky günlerde başlan howsalaly Azerbaýjan-Ermenistan urşuna tomaşa edýäris.
Biziň köpçülikleýin habar beriş serişdelerimiz dowamly diýen ýaly birmeňzeş habarlary berýär:
– *Ermenistan masgara boldy.*
– *Azerbaýjan goşuny uly ýeňişleri gazanýar.*
– *Iki müň ermeni esgeri öldürildi.*
– *Howsala düşen ermeni goşuny yza çekilýär.*
Elbetde, bizem şeýle bolmagyny arzuwlaýarys!
Emma meniň gözüme, hakykat biziň mediýamyzyň häkimiýetiň goldawyna arkalanyp çişirişi ýaly däl.
Iň täze habarlary gyzgyny bilen «CNN», «BBC», «El Jezire» ýaly abraýly daşary ýurt telewideniýeleriniň iňlis dilinde berilýän ýaýlymlarynda sypdyrman tanşyp duryn.
Olaryň gahrymançylyk edebiýatyny wagyz etmeýändiklerinden bolsa gerek, bitarap pozisiýada berilýän habarlarda iki tarap üçinem bular ýaly gazanylan ýeňiş ýa-da ýeňliş ýok.
Daşary ýurt gazetlerinde-de şeýle…
Ne günlere galdyk, Türkiýede žurnalistlik ne günlere geldi!…
Iki ýurduň arasyndaky urşu-da indi ýoýup berýäris.
Hökümetden gelen görkezmeler esasynda arasyna birtopar ýalan-ýaşryk we çişirilen habarlary sokmagy özümize dereje bilýäris.
Emin ÇÖLAŞAN.

«SÖZCÜ» gazeti, 04.10.2020 ý.

Terjime eden: Guwanç MÄMILIÝEW. Publisistika